# EKOLOGIÝA SYÝASATY

Şu «Ekologiýa Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat»), «Arassa Deňiz» HK-nyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçysynyň daşky gurşawy goramak boýunça garaýyşlaryny beýan edýär hem-de daşky gurşawy goramak ulgamynda strategiýany kesgitlemek we işi maksatlaýyn meýilleşdirmek üçin, esas bolup hyzmat edýär.

HK jemgyýetçilik iýmiti, arassalaýyş we kir ýuwuş ýaly, hünär hyzmatlaryny amala aşyranda, daşky gurşawa täsir edýär. Bu bolsa daşky gurşawy gorap saklamak, howpsuzlygy we şu «Syýasat» bilen berkidilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň ygtybarlylygy üçin jogapkärçiligi kesgitleýär.

**Şygar: DAŞKY GURŞAWYŇ HOWPSUZLYGY – GELEJEGIŇ HOWPSUZLYGY!**

**Strategik maksatlar:**

- **Ekoulgamy gorap saklamak:** Biz ussatlyk işjeňligimizde, tebigy gurşawy gorap saklamaga we tebigy hadysalara goşulmagy, mümkin boldugyça azaltmaga çalyşýarys.
- **Ekologik howpsuzlyk:** Biz serişdeleri tygşytly ulanmagy we galyndylara gözegçiligi ýola goýmak arkaly, daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsirleriň öňüni alýarys we ulgamlaýyn esasda azaldýarys.
- **Jogapkärçilik medeniýeti:** Biz HK-nyň her bir işgäriniň şahsy durmuş we ekologik jogapkärçiligini ýokarlandyrýarys. Biz diňe bir işde däl, eýsem gündelik durmuşda hem tebigata aýawly çemeleşilmegini höweslendirýäris.
- **Durmuş goşandy:** Biz alyp barýan işlerimiziň sebitlerinde durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen jemgyýetçilik ähmiýetli başlangyçlary we taslamalary goldaýarys.

**«Syýasatyň» durmuşa geçirilmegi aşakdaky «ÝAŞYL DÜZGÜNLERI» berjaý etmek arkaly gazanylýar:**

- **Kanunçylyga eýermek:** Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygynyň kadalaryny we daşky gurşawy goramak boýunça, halkara hukuk namalaryny gürrüňsiz ýerine ýetirmek.
- **Eko-bilim:** Ekologik sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak üçin, yzygiderli içerki we daşarky okuwlara gatnaşmak.
- **Jogapkärli sarp ediş:**

✓ **Serişdeler:** Edara binalarynda we önümçilik desgalarynda elektrik energiýasyny hem-de suwy tygşytly ulanmak.

✓ **Satyn almalar:** Harytlary we materiallary satyn almakda artykmaçlygy aradan aýyrýan rasional çemeleşme.

✓ **Azyk önümleri:** Sarp edilýän azyk önümlerine hormat goýmak we tygşytly çemeleşmek.

- **Sanly transformasiýa we kagyz:** Elektron resminama dolanyşygyna maksimal görnüşde geçmek. Çap etmek zerur bolan ýagdaýynda, «dupleks» (iki taraplaýyn çap etme) kadasy ulanylýar, kagyzda diňe örän möhüm maglumatlar çykarylýar.
- **Tehnologik howpsuzlyk:** Görkezmelere laýyklykda, olaryň möçberini diňe gurat işleýän ýörite tehnikalary we sertifikatlaşdyrylan himiki serişdeleri berk gözegçilikde peýdalanmak.
- **Galyndylary dolandyrmak:** Galyndylary bellenen düzgünlere laýyklykda, dogry görnüşlere bölmek, ýygnamak we utilizasiýa etmek.
- **Şahsy goşant we meýletinçilik:**

✓ **Hazar kenary:** Hazar deňziniň kenaryny we iş meýdançalaryny zir-zibillerden arassalamak boýunça, geçirilýän çärelere meýletin gatnaşmak.

✓ **Bagy-bossanlyga öwürmek:** Agaç ekmek boýunça geçirilýän toparlara gatnaşmak.

✓ **Nesilleriň dowamatlylygy:** Öz çagalaryňyz we garyndaşlaryňyz bilen ekologiýa barada bilim beriji söhbetdeşlikleri geçirmek, HK-nyň gymmatlyklaryny maşgala gurşawynda ýaýratmak.

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | [signature, stamp: TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ»] | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |
| --- | --- | --- | --- |